Milli Kültür Araştırmaları Dergisi (MİKAD) / Cilt 6 - Sayı 2

**Sorumlu Yazar:** Aynabat Babaýewa / Türkmenistan İlimler Akademisi, Tarih ve Arkeoloji, Doktora aynababayewa04@gmail.com

**ORCID ID**: 0000-0002-6742-5308

**Atıf**: BABAÝEWA, A. (2022), Milli Guşaklar Halkymyzyň Etnografiýa Baýlygydyr, Milli Kültür Araştırmaları Dergisi, Cilt 6, Sayı 2, s. 127-133.

Gönderim Tarihi: 10 Kasım 2022 / Kabul Tarihi: 29 Aralık 2022

Araştırma Makalesi

ISSN: 2587-1331

DOI: 10.55774/mikad.1202173

https://dergipark.org.tr/tr/pub/mikad

# MILLI GUŞAKLAR HALKYMYZYŇ ETNOGRAFIÝA BAÝLYGYDYR

**Tezis**

Türkmen halkynyň dünýä medeniýetine goşan naýbaşy gymmatlyklarynyň arasynda milli lybaslara aýaratyn orun degişlidir. Geýinmek we bezenmek medeniýetiniň esasyny emele getirýän milli lybaslar etnografiýa ylmy nukdaý nazaryndan halkymyzyň ruhy dünýäsini, nepis el işleri senediniň özboluşlylyklaryny içgin öwrenmekde örän ähmiýetlidir. Guşaklar milli lybaslarymyzyň ýaraşygy-gelşigi bolmak bilen, ol ykjam geýinmegiň hem-de ynsan saglygyny goramagyň özboluşly serişdesidir.

Ezber elli senetçiler guşaklaryň dürli görnüşlerini olary dakynjak adamyň ýaşyna, abraý-mertebesine görä taýýarlapdyrlar. Olaryň bezelişine-de ulanylyş maksadyna laýyklykda gözellik çaýypdyrlar. Munuň özi guşagyň geýinmek medeniýetindäki ornuny kesgitläpdir we durmuş ähmiýetini ýokarlandyrypdyr.

**Açar Sözler:** Lybas, Mata, Guşak, Bezeg

# NATIONAL BELTS ARE ETHNOGRAPHIC WEALTH OF OUR COUNTRY

**Abstract**

Turkmen nation has contributed its valuables to the world culture and our national clothes are one of them. Our national clothes make up the basis of dressing and decorating culture and our belts take an important role to learn sincerely peculiarities of exquisite craft of needlework, spiritual world of our

nation from ethnographical science. Belts are decorations of our national clothes and they are exquisite implement of accurate dressing and preserving human health.

Our skilled artisans have prepared different types of national belts according to the age and prestige of the wearer. They decorated according to their beauty and purpose of use. This determined the role of the belt in the dressing culture and increased its importance in life.

**Keywords:** Dress, Cloth (national), Belt, Decoration

## GİRİŞ

Milli lybaslarymyzyň her bir görnüşi türkmen etnografiýa ylmyny öwrenmekde örän ähmiýetlidir. Çünki milli lybaslaryň her birine pederlerimiziň ruhy ýörelgeleri siňip, asyrlar boýy ösdürilip, kämilleşdirilip gelnipdir. Milli guşaklarymyz hem şol kämil nusgalyklarymyzyň biridir.

Taryhy-etnografiýa maglumatlarynda, edebi eserlerde, eposdyr dessanlarda türkmen halkynyň milli guşaklary barada täsin maglumatlara öwran-öwran duş gelinýär. Akademik A.Jykyýewiň ýazmagyna görä, gadymy massaget esgerleriniň I asyrlarda billerine guşan düwmeli gyzyl guşaklarynyň türkmen guşaklaryna we bezeg şaýlaryna (şol sanda gulakhalkalara) örän meňzeşdir (Jykyýew, 1993: 60).

Sungaty öwreniji S.A.Trudnowskaýada giçki antik döwrüne degişli bolan Toprak Galadan (Horezm) tapylan altyndan bolan harby guşaklarynyň massaget esgerlerine degişlidigini, ony şol döwürler däbe görä, şa köşgüne degişli bolan adamlaryň dakynandygy hem-de guşagyň tokasyna haşamlanan bezegiň ýerli sarmat bezegleri bilen meňzeşdigini belleýär (Трудновская, 1952: 134).

Milli guşaklaryň gadymy nusgalary hem-de olaryň ulanylyş ähmiýeti baradaky örän gymmatly maglumatlar „Oguznama“, „Gorkut Ata“, „Görogly” şadessanlarynda-da beýan edilýär. „Oguznama“ dessanynda: „Indi akyl kişiler bize nesihat edip, itagat we bendilik kemerini (bilimize) baglap, hyzmata gelendiris.“ ýa-da „Tekfur Oguza köp hazynalar iberdi, itagat we bendilik kemerini bilige baglady“ ýaly jümlelere gabat gelinýär. Bu ýerde kemer göni guşak manysynda dälde, şol halka gulluk etmek, hyzmat etmek ýaly göçme manyda ulanylýar (Oguznama, 1990: 35).

„Gorkut Ata” eposynda bolsa Oguz begleri „gurgurma guşakly”, „altynly inçe keten bizni biline sarady”, „gyljyny hemaýyl guşandy”, „hümmet gylyjyn biline baglady” diýip suratlandyrylýar (Kitaby Dedem Gorkut, 1995: 90, 103, 123, 129).

Milli guşaklar baradaky gymmatly maglumatlara „Görogly“ eposynda hem duş gelinýär. Eposda „şemle guşak”, „zerrin guşak”, „zerrin kemer”, „şitde guşak”, „pälwan guşak” ýaly dürli görnüşli guşaklaryň atlaryna duş gelinýär. Şeýle-de eposda „bilini dartyp guşap”, „bir bil bag”, „tylla tegbendi biline dakyp”, „guşagyňy ykjam guşan biliňe...” ýaly söz düzümlerine gabat gelinýär. Eposda beýan edilýän „şitde guşagyň” türkmen diliniň düşündirişli sözlüginde „bezelen guşak” diýmegi, „zerrin guşagyň” altyn-zer şaý-sepler bilen bezelen guşagy aňladýandygy ýazylypdyr (Görogly, 1990: 5,130,329,802,824).

Şeýle hem „Nejep oglan” dessanynda bolsa bezegli guşak diýen manyny aňladýan „murassag” we şitde guşagyň waspy ýetirilýär. Bu barada dessanda şeýle sözlere duş gelýäris: „Kaddyňa ýaraşar murassag kemer, Bile baglaganyň, bil ynjamasyn” ýa-da „Meni şitde kimin ora, Biliňe gurban bolaýyn” (Nejep Oglan, 1976: 7,27,70). Hususanda „Asly-Kerem” dessanynda “Baglaýyp göwherden guşak biline,

Janym çykyr gülüp, menden alynça” diýen setirlere gabat gelmek bolýar (Asly-Kerem, 2004: 22).

## 1. GUŞAKLARYŇ GÖRNÜŞLERI WE ULANYLYŞY

Guşaklar milli lybaslaryň ýaraşygy-gelşigi bolmak bilen, ol ykjam geýinmegiň hem-de ynsan saglygyny goramagyň özboluşly serişdesidir. Ezber elli senetçilerimiz guşaklaryň dürli görnüşlerini olary dakynjak adamyň ýaşyna, abraý-mertebesine görä taýýarlapdyrlar. Olaryň bezelişine-de ulanylyş maksadyna laýyklykda gözellik çaýypdyrlar. Munuň özi guşagyň geýinmek medeniýetindäki ornuny kesgitläpdir we durmuş ähmiýetini ýokarlandyrypdyr.

Alymlar guşak sözüne şeýle düşündiriş berýäler: Guşak – bili bogmak, baglamak üçin ulanylýan serişdäniň ady ir döwürde „*kur*” bolupdyr. Mahmyt Kaşgarly „*kur*” sözüniň „guşak” manysyny belläp, oňa „*Er kuryn kurşandy*” („ýigit guşagyny guşandy”) diýen mysaly getirýär. Türkmen dilinde *kur* sözi *gur* görnüşine geçýär, onuň yzyna *-ş (-yş)* we *-ak* goşulmalary goşulyp, ýene „*kur*” sözüniň manysyndaky söz (*gurşak*) ýasalýar. Soňra bu sözüň *r* sesi düşüp galyp, ol „*guşak*” görnüşine geçýär. Ýöne *gur, gurşa* sözüniň *r* sesli gadymy görnüşi *gurşamak*, *gurşaw, uçgur (iç gur – „iç guşak*”) sözlerinde häzire çenli saklanypdyr (Atanyýazow, 2004: 182).

Guşaklar milli lybaslaryň ýaraşygy-gelşigi bolup, onuň birnäçe görnüşleri bardyr. *Tirme guşak, erke guşak, ala guşak, gök guşak, gara gülli guşak, oýma guşak, witim guşak, şemle guşak, zünnär guşak we başgalar.*

Halk arasynda guşaklarymyzyň dakylyş usullary bir bolsa-da olar dürli hili atlandyrylyp, görnüş we hil taýdan özara tapawutlanýarlar. Guşak – gaýyşdan, ýüpden ýa-da matadan bile baglamak, daňmak üçin ýörite edilen bag, kemer – diňe gaýyşdan edilýän guşakdyr, bilbag – bile daňylýan bag, guşakdyr. Türkmen zenanlary bilbagy gulaç dokan ýaly gara ýüpden iki gyrasyna gül salyp, ýörite dokapdyrlar.

Türkmençilikde çynlakaý işe başlanlarynda „Biliňi berk guşa” diýilýändir. Munuň özi gaýrata galmagy, her bir işiň, zähmetiň garşysynda ykjam durmagy, tijenmegi aňladýandyr.

Guşaklaryň içinde tirme guşak has ýörgünli bolup, ony ýigitlerimiz toý-baýramlarda dakynypdyrlar. Etnografiýa maglumatlarynyň tassyklaýşy ýaly, tirme guşak – iki ujy seçekli, tarada dokalan, gaýmaly ýüpek matadan taýýarlanyp, ony, esasan, ýaş ýigitler gyrmyzy donuň üstünden guşanýarlar. Halk döredijilik esreleriniň şahyrana setirlerinde tirme guşakly ýigitlerimiziň waspy şeýle beýan edilýär: „Kümüş sarmak elinde,Tirme guşak bilinde”. ( Durdyýewa, Ylýasowa, 2005: 123-124).

Öňki döwürlerde tirme guşak ýigitlerimiziň toý lybaslarynyň bir görnüşi hasaplanypdyr. Guşagyň ady onuň dokalýan matalygynyň ady bilen tutulýan bolmagy-da ähtimal. Tirme matalygy barada türkmen diliniň düşündirişli sözlüginde onuň sütükden edilýän nepis ýüň matadygy bellenilýär. Etnografiýa maglumatlary tirmäniň ýüpek sapagyň bir gatyndan dokalýan, perde ýaly ýuka görnüşiniň-de bolandygyny tassyklaýar. XX asyryň başlaryna çenli Günbatar ýomutlarda, çowdurlarda, Amyderýanyň demirgazyk sebitinde ýaşaýan türkmenlerde tirme matasyndan tikilen kemzor atly üstki eşik geýlipdir. Ilat arasynda bu eşik kemzor tirme diýip atlandyrylyp, ony adatça barly adamlar geýip bilipdirler. Çünki onuň matasynyň ýüpekden dokalanlygy üçin gymmat bahaly bolupdyr.

Bu hilli dokalan tirme matalygyndan, dürli görnüşli zenan başatgyçlary taýýarlanyp, ol „Tirme” ýa-da „Esgi” diýlip atlandyrylypdyr. Bu ýaglyk Demirgazyk Türkmenistanyň käbir etraplarynda zenan başatgyçylarynyň bir görnüşidir. Maglumat berijileriň aýtmagyna görä, onuň görnüşi dört burçly, iki gyrasy hem seçekli ýaglyk görnüşinde bolup, ol häzirki zaman gyz-gelinleriň boýnuna atynýan ýaglygyna meňzeş, uzynlygy bir ýarym-iki metre, ini ýarym metre bababar bolupdyr ( A.Ýusupowa. 1941).

Türkmen ýaş gelinleriniň atynýan görnüşi „tirme” diýlip atlandyrylýar. Onuň gyzyl reňkli matasy tarada dokalypdyr. Iki gyrasyna gyragara çekilipdir.

Bu başatgyjyň orta ýaşly zenanlaryň atynýan görnüşine „esgi” diýilýär. Has oral daýzalar üçin taýýarlanylýan esginiň gyrasyna sary reňkli sapakdan „aşyklama” nagşy keşdelenipdir. Öňki döwürlerde durmuşa çykan gyzlaryň ýeňňeleriniň baş sowgady hem şu ýaglyk bolupdyr.

Ine, şu maglumatlardan çen tutsak, tirme matasynyň dokmaçylyk senedimizde giň gerime eýe bolandygyna we onuň halkymyzyň gündelik durmuşynda giňden peýdalanylandygyna göz ýetirmek bolýar. Bulary türkmen akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň „Toýda tirme şally görner”, „Kim tirme şaly gözlär” diýen goşgy bentleride tassyklaýar (Magtymguly, 2014: 106, 180).

Türkmen ýigitleriniň toý lybasynyň bir ülşi bolan tirme guşak milli däp-dessurlarymyzda hem giňden orun alypdyr. Türkmen halkynyň gelin toýunda şol güni agşam ýörite „Guşak çözdi” däbi geçirilýär. Bu däp uly şowhun-şagalaňa eýe bolup, oňa toýa gelen ähli myhmanlar gatnaşýarlar. Däp boýunça, öýlenýän ýigidiň dostlary ýigidiň biline guşak dakyp, ony çözülmez ýaly, birnäçe gezek düwüp daňypdyrlar. Gelin şol düwlen guşagy çözmeli bolupdyr. Toýa gatnaşyjylar gelniň ýanýoldaşynyň guşagyndaky düwnüň hökmany çözülmesini gazanypdyrlar, häzirki döwürde bu däbiň sebäbi ýaşlaryň arasyna düwnüň düşmezligi, durmuş ýollarynda hiç hili bökdençligiň bolmazlygy, durmuşdaky kynçylyklary bileje ýeňip geçmekleri arzuw edilip, yrym edilýändigi bilen düşündirilýär.

Gündelik durmuşda guşaklary erkek kişiler köýnegiň ýa-da donuň üstünden guşanypdyrlar, has soňky döwürlerde - XX asyryň başlarynda hat-da dört burçly ýaglyklar-da guşak edilip ulanylyp başlanýar. Guşaklar öňki döwürlerde erkek kişileriň gerekli serişdeleriniň biri hasaplanypdyr, sebäbi olar guşaklaryna jöwher pyçagyny, gylyjyny, çöregini we başga-da zerur zatlaryny gysdyryp bilipdirler. Bu barada „Görogly”, „Gorkut Ata” eposlarynda birnäçe mysallara duş gelmek bolýar. „Görogly” eposynda: „Röwşen:

– Hop, ýagşy – diýip bir gömme çörek bişirip, ýaryny atasyna berip, ýaryny guşagyna salyp, taýynyň yzyny alyp, kybla tarapa ötägitdi.” (Görogly, 1990: 40).

„Gorkut Ata” eposynda: „Bugaç beg ýerinden turdy, gara polat uz gylyjyny guşandy, tözli gaty ýaýyny, altyn naýzasyny eline aldy, bedew atyny eýerledip, kyrk ýigidini ýanyna alyp atlandy, atasynyň yzyndan ýortup gitdi.” ýa-da „Beset tabyndan bir gysym ok çykardy, biline sokdy, gylyjyny heýkelleýin guşandy, ýaýyny gyrasyna atdy” diýen jümlelere gabat gelmek bolýar (Gorkut ata, 1990: 38, 128).

Milli guşaklar baradaky täsin maglumat XIX asyryň ahyrlarynda Mary topragynda bolan E. Donowanyň ýazgylarynda duş gelýär. Ol özüniň „Merw” atly kitabynda türkmenleriň bir-birlerini egnidäki lybaslaryň üsti bilen kynçylyksyz tanaýandygyny geň galyjylyk bilen belläp geçýär: „Edil meniň özüm hiç wagt ol ýa-da

beýleki adamyň haýsy tiredendigini anyklap bilmedim, ýöne türkmenler ony kynçylyksyz, seredeninden bilýärler. Bir gezek men olardan nämä esaslanyp ol ýa beýleki tiräni tapawutlandyrýandyklaryny soradym, sebäbi meniň pikirimçe olaryň hemmesiniň eginbaşy birmeňzeşdi. Maňa gyşagyň şeýle daňylmagy Soltan Eziz tiresiniň agzalaryna, guşagyň, gylyjyň şeýle asylyşy burkaza mahsus we şuňa meňzeş diýip düşündirdiler. Men hiç wagt seredip, adamyň ol ýa-da beýleki tirä degişlidigini geýmiň ownuk aýratynlyklaryndan, başgabyň görnüşinden ýa-da gyşagyň daňylyşyndan bilip bilmedim, ýöne türkmen dostlarym hiç wagt ýalňyşmaýardy" (E. Donawan, 1998: 122).

Hakykatdan-da, türkmen milli lybaslary umumy görnüş tarapdan meňzeş-de bolsa, olaryň her birinde ýerli aýratynlyklary görmek bolýar. Bu guşaklar babatynda hem şeýle. Alym A.Jykyýewiň işlerinde günbatar türkmenleriniň gyş donlarynyň üstünden toý-baýramlarda ýüpekden ýa-da nahdan edilen „ala guşak", ýaş ýigitleriň geçi ýüünden edilen „witim guşak", salyr türkmenlerinde bolsa „gök guşak", Amyderýanyň orta akymynda ýaşaýan türkmenlerinde ýüpekden gülli „oýma guşak", Demirgazyk türkmenlerinde ýüňden dört burç ýaglyk görnüşli „erke guşak" guşalandygy bellenilýär (A. Джикиев. 1961: 96). Maglumata görä, hat-da din wekilleriniň-de ýörite guşagy bolup, oňa zünnar guşak diýlipdir. Bu guşagy zoroastrizm ruhanylarynyň dakynandygy bellenilýär (A. Meredow. 1997: 370).

## 2. ZENAN GUŞAKLARY WE OLARYŇ BEZEGI

Milli lybaslaryň aýrylmaz bir bölegi bolan guşaklarymyzy zenanlaram dakynypdyrlar. Zenan maşgalalar guşagy esasan iş pursatlarynda ýa-da howanyň sowuk döwri guşanýarlar. Guşak agyr hojalyk işlerinde biliň kuwwatyny artdyrypdyr. Şoňa görä-de, guşak keçe basylanda, haly dokalanda, orak orlanda, pagta ýygylanda, iki-üç sapar saralyp guşalýar. Saglyk maksatly guşaklar düýe ýa-da saryja goýnuň ýüňünden dokalýar. Guşagy zenanlar gyşyn-ýazyn aýyrman guşanýarlar.

Zenan guşagynyň has giň ýaýran görnüşi kakma guşakdyr. Ol tarada sünnälenip dokalýar  we oňa „ gara gülli guşak" diýilýär. Onuň ýüňüne gyzyl, goňur, gara reňk berlip, „pişme", „tegbent", „üçburçluk" ýaly doga-tumar ähmiýetli nagyşlar salynýar, sapy gyzyl we sazlaşygyna görä, beýleki reňkli ýüňler bilen sazlaşdyrylyp örülýär. Ahyryna tikilýan alaja bag bilen öň tarapdan daňylýar. Guşagyň uzynlygy 3-3,5 m çemesi bolup, öňki döwürlerde durmuşa çykýan gyzyň sep bukjasyna salnypdyr. Demirgazyk türkmenlerinde gyzyl ýa-da gara ýüňden edilen, uzynlygy 3,34m, ini 74 sm bolan guşagyň öýlenýän ýigit tarapyndan taýýarlanylýan „dokuz bukja" sep bukjasynyň sanawynda hökmany bolmaly hasaplanypdyr (A.Байриева, 2015: 285). Sebabi guşak zenanyň gelinlik dünýäsiniň işiginden gadam basan gününden başlap dakynylypdyr.

Öňki döwürlerde kümüş bezegli guşaklary barly adamlaryň aýallary dakynypdyrlar. Ýaş gelinler we gyzlar deriden edilen gaýyş gyşaklary guşanypdyrlar. Kümüş bilen bezelen gaýyş tegbent guşagy gyz-gelinlerimiz toý-baýramlarda we myhmançylyga gidenlerinde dakynypdyrlar. Bu hilli guşagyň uzynlygy 8 sm barabar bolup, ol orän gymmat bahalanypdyr.

Etnografiýa maglumatlary XX asyryň ortalaryna çenli zenanlaryň „gara gülli guşagynyň" ahal türkmenlerinde köp dokalandygyny tassyklaýar. Gülli guşak hem beýleki inçe senetler ýaly gadymydyr. Gülli guşagyň ýerligi, köplenç, gara reňkde bolup, ýüzüne dürli nagyşlar salynýar. Ol ýarym metr inlilikde, gylyç bilen dokalýar.

Enelerimiz guşak dokamak üçin, esasanam, ýaz ýüňüni dürli reňklere boýap ulanypdyrlar.

Maglumatlardan ugur alsak türkmen milli guşaklaryň geçmiş taryhymyzda diňe bir bezeg ýa-da zerurlyk serişde hökmünde däl-de, onuň has çuň manylara eýe bolandygyna göz ýetirmek bolýär. Türkmen halkynyň milli guşaklaryny iki aýratynlyga eýe bolandygyny görmek bolýar. Olardan ilki umumy bolsa, ikinjisi zenanlaryň bezeg üçin ulanan guşaklarydyr. Bu bolsa türkmen halkynyň diňe bir jemgyýetçilik durmuş zerurlygy däl, eýsem zenanlaryň bezeg guşaklaryna hem aýratyn üns berendigini görkezýär. Şonuň üçin her bir lybasymyzyň taryhyny, ulanyş zerurlyklaryny öwrenmek ähmiýetlidir. Çünki pederlerimiz tarapyndan döredilen her bir gymmatlyklar halkyň ýaşaýyş durmuşy, däp-dessurlary we edim-gylymlary bilen berk baglydyr. Şonuň üçinem milli lybaslarymyzyň her bir görnüşini öwrenmek häzirki döwrümiziň wajyp meseleleriniň biridir.

## EDEBIÝAT


Atanyýazow, S. (2004) Türkmen diliniň sözköki (etimologik) sözlügi. Türkmenistanyň milli medeniýet “Miras” merkezi.

Asly-Kerem. (2004) Aşgabat. Miras. Çapa taýýarlan A, Durdyýewa.

E, Donawan. (1998) Aşgabat. MERW. „Ruh” neşirýaty.

Fazlalla Reşideddin, Oguznama. (1990) Aşgabat. Pars dilinden terjime eden Salar Baba Gulaly ogly Salar Harydary.

Görogly eposy. (1990) Aşgabat.

Gelin-gyzlaryň şahyrana döredijiligi. (2005) Aşgabat. Miras. Çapa taýýarlanlar: A. Durdyýewa, G. Ylýasowa.

Jykyýew, A. (1993) Türkmenler hakynda käbir maglumatlar // “Türkmen dili hem edebiýaty”, №3. Aşgabat.

Kitaby Dedem Gorkut (1995) Aşgabat. Ylym. Çapa taýýarlanlar: A. Annanurow, T. Guzuçyýew.

Meredow, A. (1997) Magtymgulynyň düşündirişli sözlügi. II-jilt. Gonbed Kabus.

Orazolat Ekäýew – Baharly, (2014) Aşgabat. Magtymguly Pyragynyň kämil diwany.

Байриева, А. (2015) Национальный костюм туркмен (конец XIX – начало XX в). Туркмены. Москва.

Джикиев, А. (1961) Туркмены Юго-Восточного побережья Каспийского моря. Историко-этнографический очерк. Ашгабад.

Трудновская, С.А. (1952) Украшения позднеантичного Хорезма по материалам раскопок Топрак – кала // Труды Хорезмской археол. – этнограф. экспед. Москва.

**Goşmaça: 1**



Kümüş guşak we gylyç .

XVIII asyr. Kümüş, altyn çaýylan,

hakyk daşy, ýonulyp nagyşlanan.

Türkmenistanyň Milli muzeýi

**Goşmaça: 2**



Guşak dakynan Horezm

erkek kişisi

**Goşmaça: 3**



Türkmen ýigidi we gelni

milli toý lybaslarynda